TÜRKMENISTANYŇ ÝOKARY KAZYÝETI

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET,
HUKUK WE DEMOKRATIÝA INSTITUTY

# TÜRKMENISTANYŇ RAÝAT IŞ ÝÖREDIŞ KODEKSINE YLMY-TEJRIBE DÜŞÜNDIRIŞLER

UOK 347 (575.4)
T 90

**T 90** **Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksine ylmy-tejribe düşündirişler.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2025.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň maddalary boýunça bu ylmy-tejribe düşündirişler Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň, Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň utgaşdyryjylyk işleriniň netijesinde «Merkezi Aziýada hukuk döwlet gurluşyna ýardam» atly Germaniýanyň Halkara hyzmatdaşlyk jemgyýeti (GIZ) bilen hyzmatdaşlykda taýýarlanyldy.

Kanunlara degişli hemme salgylanmalar 2025-nji ýylyň ýanwaryna çenli ýagdaýa görä berlendir.

Düşündiriş kazylar, prokurorlar, adwokatlar, hukukçy hünärmenler, aspirantlar, hukuk öwreniş ugry boýunça ýokary okuw mekdepleriniň talyplary we mugallymlary üçin niýetlenendir.

TDKP №104, 2025 KBK 67.99 (2 Tü) 3

© Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, 2025
© Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty, 2025

**Awtorlar topary:**

**Nuryýew Ýagmyr Mämijikowiç,** Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty, hukuk ylymlarynyň doktory, 1–44-nji maddalar;

**Orazowa Suraý Gylyçmämmedowna,** Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty, 45–136-njy maddalar;

**Annagulyýew Ataberdi,** Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrap ýuridik maslahathanasy, adwokat, 137–165-nji maddalar;

**Hojamgulyýew Begenç Gurbangeldiýewiç,** Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, 166–174-nji, 343–384-nji maddalar;

**Çaryýew Parahat Sylapberdiýewiç,** Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, 175–221-nji maddalar;

**Mämmedow Taganmuhammet,** Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, 222–271-nji maddalar;

**Berdiýew Mekan Maksadowiç,** Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, 385–408-nji maddalar;

**Seýilow Baýly,** Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komiteti, deputat, 272–294-nji maddalar;

**Ýegenowa Jeren Ýazdurdyýewna,** Türkmenistanyň Baş prokuraturasy, 295–342-nji maddalar;

**Allalyýewa Nahida Nariman gyzy,** Türkmenistanyň Adalat ministrligi, 409–445-nji maddalar.

# TÜRKMENISTANYŇ RAÝAT IŞ ÝÖREDIŞ KODEKSI

## I BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER

### 1-nji bap. TÜRKMENISTANYŇ RAÝAT IŞ ÝÖREDIŞ KANUNÇYLYGY

**1-nji madda. Raýat kazyýet önümçiligi hakynda kanunçylyk**

**1. Türkmenistanyň kazyýetlerinde raýat işleri boýunça önümçiligiň tertibi Türkmenistanyň Konstitusiýasy, şu Kodeks we olara laýyklykda kabul edilýän Türkmenistanyň beýleki kanunlary bilen kesgitlenilýär.**

**2. Raýat kazyýet önümçiligi hakynda kanunçylyk raýat, maşgala, zähmet, ýaşaýyş jaý, ýer we beýleki hukuk gatnaşyklardan gelip çykýan jedeller boýunça işlere, administratiw-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işlere we aýratyn önümçiligiň işlerine seretmegiň tertibini belleýär. Administratiw-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler we aýratyn önümçiligiň işleri şu Kodeksiň 24-nji, 25-nji we 27–36-njy baplarynda göz öňünde tutulan alynmalar we goşmaçalar bilen kazyýet önümçiliginiň umumy düzgünleri boýunça seredilýär.**

**1.** Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 60-njy maddasyna laýyklykda her bir raýatyň Konstitusiýada hem-de kanunlarda göz öňünde tutulan hukuklarynyň we azatlyklarynyň kazyýet goragy kepillendirilýär. Kazyýet goragyna bolan hukuk konstitusion kadalara esaslanmak bilen, kodekslerde berkidilen iş ýörediş kadalarynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan raýat hukuklarynyň goragy raýat iş ýörediş kanunçylygy tarapyndan düzgünleşdirilýän, kazyýetiň işiniň aýratyn iş ýörediş görnüşi bolup durýan raýat kazyýet önümçiliginiň üsti bilen amala aşyrylýar.

Düşündiriş berilýän maddanyň birinji böleginde raýat işleri boýunça adyl kazyýetligiň amala aşyrylyşynyň tertibini kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň sanawy berilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy raýat kazyýet önümçiliginiň wajyp düzgünlerini beýan edýän esasy hukuk çeşmeleriniň biridir. Konstitusiýanyň 27-nji maddasy adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň gös-göni hereket etmegini, adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem-de azatlyklarynyň kanunlaryň manysyny, mazmunyny we ulanylyşyny kesgitlemegini, kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetiň, şeýle hem ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işiniň adyl kazyýetlik arkaly üpjün edilmegini göz öňünde tutýar. 46-njy madda Türkmenistanyň raýatlarynyň adyl kazyýetlik amala aşyrylanda gatnaşmaga hukugyny, 61-nji madda bolsa her bir adamyň döwlet edaralarynyň, gaýry guramalaryň, olaryň işgärleriniň, şeýle hem aýry-aýry adamlaryň bikanun hereketleri bilen özüne maddy ýa-da ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny kazyýet tertibinde talap etmäge hukugyny kepillendirýär, şeýle-de 96-njy maddada Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti diňe kazyýetlere degişlidigi barada aýdylýar. Kazyýet häkimiýeti raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun arkaly goralýan döwlet hem jemgyýetçilik bähbitlerini goramaga niýetlenendir. 102-nji maddada işlere kazyýetlerde kollegial seredilýändigi, kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa kazynyň işe ýekelikde seredýändigi kesgitlenen. 103-nji maddada kazyýetlerde işleriň açyk seljerilýändigi, işiň ýapyk mejlisde diňlenilmegine diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda, kazyýet önümçiliginiň ähli düzgünlerini berjaý etmek bilen ýol berilýändigi göz öňünde tutulan. Kazyýet önümçiligi taraplaryň deňligi we bäsleşigi esasynda amala aşyrylýar. 104-nji maddada kazyýet önümçiliginiň döwlet dilinde alnyp barylýandygy kesgitlenen. Işe gatnaşýan we kazyýet önümçiliginiň dilini bilmeýän adamlara terjimeçiniň kömegi arkaly işiň materiallary bilen tanyşmak, kazyýet hereketlerine gatnaşmak, şeýle hem kazyýet mejlisinde ene dilinde çykyş etmek hukugy üpjün edilýär. 106-njy madda kazyýetleriň çözgütleriniň, hökümleriniň we gaýry kararlarynyň Türkmenistanyň çäklerinde hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidigini göz öňünde tutýar. 107-nji madda laýyklykda, ýuridik kömegi almaga bolan hukuk kazyýet önümçiliginiň islendik tapgyrynda kepillendirilýär. Beýan edilen bu konstitusion kadalar şol bir wagtyň özünde raýat kazyýet önümçiliginiň ýörelgelerini kesgitleýärler.

2015-nji ýylyň 18-nji awgustynda «Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny bilen tassyklanan we güýje girizilen Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi (mundan beýläk – RIÝK) raýat kazyýet önümçiliginiň tertibini kesgitleýän esasy hukuk çeşmesi bolup durýar. Kodeks raýat kazyýet önümçiliginiň ýörelgelerini, işe gatnaşyjylar we olaryň hukuklaryny hem-de borçlaryny, işleriň kazyýete degişliligini, kazyýetde işlere seredilişini, kazyýet namalary we olara şikaýat etmegiň tertibini jikme-jik beýan edýär. Mundan başga-da Türkmenistanyň Raýat kodeksi, Zähmet kodeksi, Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksi, Ýaşaýyş jaý kodeksi, «Kazyýet hakynda», «Ýerine ýetiriş önümçiligi we kazyýet ýerine ýetirijileriniň hukuk ýag-

daýy hakynda», «Kazyýet-bilermenlik işi hakynda» Türkmenistanyň kanunlary we raýat kazyýet önümçiligi babatdaky beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary wajyp çeşme bolup durýarlar.

**2.** Maddanyň ikinji böleginde raýat kazyýet önümçiliginde haýsy işlere seredilmäge degişlidigi düşündirilýär. Muňa raýat, maşgala, zähmet, ýaşaýyş jaý, ýer we beýleki hukuk gatnaşyklarynda ýüze çykýan jedeller bilen baglanyşykly işler, şeýle-de administratiw-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler we aýratyn önümçilikdäki işler girýärler. Mundan başga-da, administratiw-hukuk gatnaşyklarynyň netijesinde ýüze çykýan işlere we aýratyn önümçilikdäki işlere Türkmenistanyň RIÝK-iniň 24, 25 we 27–36-njy baplarynda beýan edilen aýratynlyklary (alynmalary we goşmaçalary) göz öňünde tutmak bilen, raýat iş ýörediş önümçiliginiň umumy düzgünlerine laýyklykda seredilýär.

2020-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksi (mundan beýläk Türkmenistanyň AIÝK-i) kabul edilenden soň, administratiw-hukuk gatnaşyklaryndan, ýagny raýatlaryň hukuklarynyň bozulmalaryna getirýän, döwlet dolandyryş edaralarynyň we wezipeli adamlaryň kanuna laýyk gelmeýän hereketleri (namalary) baradaky şikaýatlardan gelip çykýan işleri düzgünleşdirýän 26-njy babyň kadalary 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanuny bilen güýjüni ýitiren diýlip ykrar edildi.[1] Şuňa laýyklykda, öň raýat kazyýet önümçiliginiň kanunlarynyň esasynda seredilýän işlere indi Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksini ulanmak arkaly seredilýär. Jemagat-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedeller boýunça kazyýet önümçiliginiň tertibini, bu jedellere kazyýetlerde seretmegiň we çözmegiň iş ýörediş ýörelgelerini we düzgünlerini kesgitleýän Türkmenistanyň AIÝK-iniň eýeleýän wajyp ornuny belläp geçmek ähmiýetlidir. Mysal üçin, Türkmenistanyň AIÝK-iniň 2-nji maddasynyň 2-nji böleginde eger AIÝK-de kazyýet önümçiligini amala aşyrmak baradaky düzgünler kesgitlenmedik bolsa, onda, degişlilikde, eger olar Türkmenistanyň AIÝK-iniň esasy ýörelgelerine we maksatlaryna ters gelmeýän bolsa, Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň we beýleki kanunlarynyň kadalarynyň ulanylýandygy düşündirilýär. Muny Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksiniň 2020-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda kabul edilendigi, şoňa görä-de, şol kodeks kabul edilmezinden öň, administratiw-hukuk gatnaşyklarynyň netijesinde ýüze çykan işlere Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň kadalaryna laýyklykda seredilýändigi bilen düşündirmek bolar.

[1] Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň maglumatlary, 2021, №4, 146-njy madda.

**2-nji madda. Raýat kazyýet önümçiliginde artykmaç güýje eýe bolan hukuk kadalaryny ulanmak**

**1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy Türkmenistanyň bütin çäginde ýokary ýuridik güýje eýedir we gönüden-göni hereket edýär. Şu Kodeksiň we Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kadalarynyň arasynda çaprazlyk bolan mahalynda Konstitusiýanyň düzgünleri hereket edýär.**

**2. Şu Kodeksiň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kadalarynyň arasynda çaprazlyk bolan mahalynda şu Kodeksiň düzgünleri hereket edýär.**

**3. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kodeksde göz öňünde tutulanlardan başga düzgünler bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň düzgünleri ulanylýar.**

**1.** Düşündiriş berilýän maddanyň adyndan görnüşi ýaly, onda raýat kazyýet önümçiliginde ulanmak üçin artykmaç hukuk güýjüne eýe bolan kadalar beýan edilýär. Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, Türkmenistanyň Konstitusiýasy kazyýet önümçiliginiň esasy ýörelgelerini berkidýär. Olar kazyýet ulgamynyň gurnalyşynyň we işiniň ýörelgelerini kesgitleýän umumy düzgünleri, adyl kazyýetligiň esasy ýörelgelerini, şeýle-de kazyýet goragyna bolan hukuk kepilliklerini belleýärler. Şonuň bilen birlikde, Konstitusiýanyň 8-nji maddasy Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň döwletiň Esasy Kanuny bolup durýandygy, onda berkidilen kadalaryň we düzgünleriň göni hereketiniň bardygy baradaky wajyp düzgünleri öz içine alýar. Konstitusiýa garşy gelýän kanunlaryň we gaýry hukuk namalarynyň ýuridik güýji ýokdur. Bu konstitusion kadalaryň kanunlara we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna garanyňda has ýokary hukuk güýjüne eýedigini aňladýar. Şeýlelikde, kazylar raýat kazyýet önümçiliginde işlere seredenlerinde Konstitusiýanyň kadalaryna laýyklykda hereket etmelidirler. RIÝK-iň kadalary bilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kadalarynyň arasynda çaprazlyk bolan mahalynda Konstitusiýanyň düzgünleri hereket edýär.

**2.** RIÝK bilen Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kadalarynyň arasynda çaprazlyk bolan mahalynda RIÝK-iň kadalary has ýokary hukuk güýjüne eýedir. Raýat işleri boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň tertibi RIÝK-de jikme-jik düzgünleşdirilendir, şonuň üçin hem oňa garşy gelýän beýleki kanunlar we kadalaşdyryjy hukuk namalary hukuk güýjüne eýe bolmaýarlar we haýsydyr bir netijelere getirmeýärler.

**3.** Türkmenistan birnäçe hukuk taýdan kömek bermek hakynda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn halkara şertnamalaryna, konwensiýalaryna we ylalaşyklaryna gatnaşyjy bolup durýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 9-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň

ileri tutulmagyny ykrar edýär. Şeýlelikde, eger Türkmenistanyň gatnaşyjysy bolup duran halkara şertnamalary raýat kazyýet önümçiliginiň başga düzgünlerini göz öňünde tutýan bolsa, onda şol ylalaşygyň düzgünleri ulanylýar. Mysal üçin, Raýat, maşgala we jenaýat işleri boýunça hukuk kömegini bermek we hukuk gatnaşyklary baradaky Konwensiýanyň (Minsk konwensiýasy) düzgünlerini ulanmak barada Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlaryň arasynda ylalaşyk gazanyldy, bu bolsa öz gezeginde birnäçe iş ýörediş meselelerini çözmäge ýardam edýär.

**3-nji madda. Raýat iş ýörediş kanunçylygynyň wagta görä hereketi**

**1. Raýat kazyýet önümçiligi işe seredilýän, aýry-aýry iş ýörediş hereketleriniň amala aşyrylýan wagtynda hereket edýän raýat iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.**

**2. Iş ýöredişe gatnaşyjylara täze borçlary ýükleýän, hukuklaryny ýatyrýan ýa-da kemeldýän, olaryň ulanylmagyny goşmaça şertler bilen çäklendirýän raýat iş ýörediş kanunçylygynyň yzyna täsir ediş güýji ýokdur.**

**3. Subutnamalaryň ýol bererliligi olaryň alnan pursadynda hereket eden kanuna laýyklykda kesgitlenilýär.**

1. Beýleki kanunlar ýaly, RIÝK hem resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär. Umumy düzgünlere görä, kadalaşdyryjy hukuk namasynyň hereketi onuň herekete girizilmeginden öň dörän gatnaşyklara degişli edilmeýär («Hukuk namalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 43-nji maddasynyň birinji bölegi). Kanunlar yzyna täsir ediş güýjüne eýe däldir we diňe resminama güýje giren pursadyndan soň ýüze çykýan gatnaşyklar babatda ulanylýar. Muňa garamazdan, kanunda ýörite göz öňünde tutulan ýagdaýlarda kadadan çykmalar hem bolup biler. Bu ýerde «Hukuk namalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 43-nji maddasynyň ikinji böleginde kesgitlenen kadalardan gelip çykýan ýagdaýlar göz öňünde tutulýar, ýagny eger kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýa-da onuň böleginiň yzyna täsir ediş güýji onuň özünde ýa-da kadalaşdyryjy hukuk namasyny herekete girizmek hakynda namada göz öňünde tutulan bolsa, şeýle hem kadalaşdyryjy hukuk namasy hukuk bozulmasy üçin öň göz öňünde tutulan jogapkärçiligi aradan aýyrýan ýa-da ýeňilleşdirýän, raýatlara ýüklenilen borçlary aýyrýan ýa-da olaryň ýagdaýyny başga hili gowulandyrýan bolsa, onda şeýle halatlarda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň yzyna täsir ediş güýji bardyr.

Iş başlananda haýsy kanunyň hereket edendigine garamazdan, kazyýet iş ýörediş hereketi amala aşyrylan döwründe hereket eden iş ýörediş kanunyny ulanmaga borçludyr. Iş ýörediş kanunlarynyň aýratynlygy hem şundan ybaratdyr. Mysal üçin, eger birinji basgançakly kazyýetde işlere seredilen döwründe bir kada hereket

edip, işe şol kadada bellenen tertipde seredilen bolsa, nägilelik hem-de gözegçilik basgançakly kazyýetlerde işlere seredilmegine çenli iş ýörediş kadasy üýtgän bolsa, ýagny täze Raýat iş ýörediş kodeksi güýje giren bolsa, onda bu basgançaklarda işe täze güýje giren iş ýörediş kanunynyň düzgünleri boýunça seredilýär.

**2.** Hukuk nazaryýetinden mälim bolşy ýaly, raýatlaryň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan, olara ýaramaz täsir edýän, olaryň hukugyny çäklendirýän düzgünleriň yzyna täsir ediş güýji ýokdur. Bu düzgün raýat kazyýet önümçiligine hem degişlidir. «Hukuk namalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 43-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, jogapkärçiligi belleýän ýa-da güýçlendirýän, raýatlara täze borçlary ýükleýän ýa-da olaryň ýagdaýyny başga hili ýaramazlaşdyrýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň yzyna täsir ediş güýji ýokdur.

**3.** Maddanyň üçünji böleginde raýat iş ýöredişinde subutnamalaryň ýol bererliligi olaryň alnan pursadynda hereket eden kanuna laýyklykda kesgitlenilýändigi bellenen, ýagny hereketleriň subutnama hökmünde çykyş edýän şertleriniň şol wagt hereket eden kanun tarapyndan kesgitlenilýändigi görkezilýär. Hususan-da, raýat işi boýunça subutnama hasap edilip bilinjek zat, şol wagt hereket edýän kanunlara laýyklykda subutnama hökmünde çykyş edýär.

### 4-nji madda. Şu Kodeksde bar bolan käbir atlary we adalgalary düşündirmek

**Şu Kodeksde bar bolan atlar we adalgalar aşakdaky mana eýedirler:**

**1) kazyýet – Türkmenistanyň kazyýet ulgamyna girýän we adyl kazyýetligi amala aşyrýan kazyýet häkimiýetiniň edarasy. Oňa Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri, etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri degişlidir;**

**2) birinji basgançakly kazyýet – ilkibaşdan raýat işlerine seredýän kazyýet;**

**3) nägilelik basgançakly kazyýet – birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýje girmedik çözgütlerine we kesgitnamalaryna şikaýatlar ýa-da teklipnamalar boýunça işlere nägilelik tertibinde seredýän kazyýet;**

**4) gözegçilik basgançakly kazyýet – kazyýetiň kanuny güýje giren çözgütlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna şikaýatlar ýa-da teklipnamalar boýunça işlere gözegçilik tertibinde seredýän kazyýet;**

**5) kazy – kanunda bellenen tertipde kazyýet häkimiýetini amala aşyrýan kazyýetiň başlygy, kazyýetiň başlygynyň orunbasary, kazy;**

**6) prokuror – Türkmenistanyň Baş prokurory we oňa tabyn prokurorlar, olaryň orunbasarlary, uly kömekçiler we kömekçiler, baş müdirlikleriň we müdirlikleriň müdirleri, esasy bölümleriň we bölümleriň müdirleri, olaryň orunbasarlary, uly prokurorlar we öz ygtyýarlygynyň çäklerinde hereket edýän prokurorlar;**

7) kazyýet seljerişi – birinji, nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýetiň kazyýet mejlisi;

8) başlyklyk ediji – raýat işine seredilende başlyklyk edýän kazy;

9) kanuny wekiller – ata-eneler, perzentlige alyjylar, hak isleýjiniň ýa-da jogap berijiniň, ýa-da üçünji şahsyň hossarlary, howandarlary we kanun bilen bu hukuk berlen beýleki adamlar, şeýle hem howandarlygynda hak isleýji ýa-da jogap beriji, üçünji şahs durýan edaralar we guramalar;

10) ýakyn garyndaşlar – ata-eneler (şol sanda perzentlige alanlar), är-aýal, çagalar (şol sanda perzentlige alnanlar), ata we ene, baba we mama, agtyklar, süýtdeş we süýtdeş däl doganlar;

11) wekil – raýat işi boýunça önümçilikde hak isleýjiniň, jogap berijiniň we üçünji şahsyň kanuny bähbitlerine wekilçilik etmäge hukukly adam;

12) raýat işleri – hak isleýiş işleri (raýat, maşgala, zähmet, ýaşaýyş jaý, ýer we beýleki gatnaşyklardan gelip çykýan jedeller boýunça), administratiw-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler, aýratyn önümçiligiň işleri we kanunda göz öňünde tutulan halatlarda beýleki işler;

13) iş boýunça önümçilik – anyk raýat işi boýunça ony gozgamagyň, kazyýete çenli taýýarlamagyň, kazyýetde seretmegiň dowamynda amala aşyrylýan iş ýörediş hereketleriniň we kararlaryň jemi;

14) iş ýörediş hereketleri –raýat kazyýet önümçiliginiň barşynda şu Kodekse laýyklykda geçirilýän hereketler;

15) kazyýet karary – ähli basgançakdaky kazyýetleriň çözgüdi, kesgitnamasy, karary;

16) çözgüt – işe düýp manysy boýunça sereden birinji basgançakly kazyýetiň kazyýet karary;

17) kesgitnama – şu maddanyň 16-njy we 18-nji bentlerinde görkezilen kararlardan başga ähli basgançakdaky kazyýetleriň islendik kazyýet karary;

18) karar – welaýat kazyýetiniň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň Prezidiumy, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy, Giňişleýin mejlisi tarapyndan kabul edilen kazyýet karary;

19) teswirnama – raýat işi boýunça önümçiligiň fakty, onuň mazmuny we kazyýet hereketleriniň netijeleriniň hakyky ýagdaýy açyp görkezilen we takyk beýan edilen, şu Kodeksde bellenilen tertipde düzülen resminama;

20) nägilelik şikaýaty – kanuny güýje girmedik çözgüdi sökmek ýa-da üýtgetmek barada şikaýat;

21) nägilelik teklipnamasy – kanuny güýje girmedik çözgüdi sökmek ýa-da üýtgetmek barada prokuroryň teklipnamasy;

22) hususy şikaýat – birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýje girmedik kesgitnamasyna şikaýat;

23) hususy teklipnama – birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýje girmedik kesgitnamasyna prokuroryň teklipnamasy;

**24) gözegçilik tertibindäki şikaýat – kanuny güýje giren kazyýet kararyna getirilen şikaýat;**

**25) gözegçilik tertibindäki teklipnama – kanuny güýje giren kazyýet kararyna getirilen prokuroryň teklipnamasy;**

**26) özbaşdak bolmadyk nägilelik şikaýaty – bir tarap tarapyndan nägilelik şikaýaty berlen mahalynda şikaýat etmek üçin möhlet gutarandan soň, garşydaş tarapdan getirilen şikaýat.**

## Umumy düzgünler

Şu Kodeksde ulanylýan adalgalar we atlandyrmalar hukuk ulanyjylyk işinde aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Adalgalar ylmy düşünjäni ýokary derejedäki takyklyk bilen berýärler. Şeýlelikde, Kodeksdäki we hukugy ulanmakdaky esasy sözlere Türkmenistanyň RIÝK-iniň 4-nji maddasynda bellenilen manysynda düşünilmelidir we olar şol manyda ulanylmalydyr.

Kodeksde ulanylýan düşünjeler:

**1) kazyýet** – giň manysynda bu, iş ýörediş tertibinde takyk bir döwletiň kanunynda bellenilen jenaýat, raýat, administratiw we beýleki görnüşli işlere seretmek we olary çözmek boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrýan döwlet häkimiýet edarasydyr. Kanuny durmuşa geçirýän we ulanýan kazyýet ulgamy kazyýet häkimiýeti hökmünde bellidir. Düşündiriş berilýän maddada düşündirilýän manysynda kazyýet – bu Türkmenistanyň kazyýet häkimiýeti ulgamynyň raýat işlerine seredýän edarasydyr. Oňa Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri, etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri degişlidirler.

Kazyýet raýat iş ýörediş hereketleriniň hökmany gatnaşyjysy bolup durýar, raýat iş ýörediş gatnaşyklarynyň hemmesi kazyýet bilen iş ýöredişe gatnaşyjylaryň arasynda bolup geçýär.

Kazyýet iş ýörediş (prosessual) hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjysy (subýekti) hökmünde iş ýörediş (prosessual) hukuklaryna eýedir we iş ýörediş (prosessual) borçlaryny öz üstüne alýar.

Kazyýetiň işde maddy taýdan bähbidi bolmaýar, ol iş ýöredişe gyzyklanma bildirýär we kazyýetiň iş ýöredişe bolan gyzyklanmasy haýsydyr bir tarapyň bähbitlerine gönükdirilen däldir.

Raýat iş ýörediş hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjy hökmünde kazyýetiň aýratyn hukuk derejesi adyl kazyýetiň konstitusion ýörelgeleri we kazylaryň hukuk derejesi bilen kesgitlenilýär. Raýat işleri boýunça adyl kazyýet diňe Türkmenistanyň Konstitusiýasyna (97-nji madda) we «Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna (1-nji madda) laýyklykda döredilen kazyýetler tarapyndan amala aşyrylýar.

Türkmenistanda raýat işlerine etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri, şeýle-de Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti tarapyndan seredilýär.

**2) birinji basgançakly kazyýet** – bu kazyýet mejlisiniň dowamynda işleriň ýagdaýyny gös-göni barlamaga we takyklamaga ygtyýary bolan hem-de ol boýunça degişli kazyýet namasyny (çözgüdini, kesgitnamasyny) çykarýan kazyýetdir. Raýat işleri boýunça birinji basgançakly kazyýetde, adatça, işiň düýp mazmunyny bildirilen talabyň subut edilendigi ýa-da subut edilmändigi baradaky we bolup biljek hukuk netijeleri baradaky mesele düzýär. Raýat kazyýet önümçiliginde birinji basgançakly kazyýet hökmünde etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri, şeýle-de Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti çykyş edýärler.

**3) nägilelik basgançakly kazyýet** – birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýje girmedik çözgütlerine we kesgitnamalaryna şikaýatlar ýa-da teklipnamalar boýunça işlere nägilelik tertibinde seredýän kazyýetdir. Adatça, nägilelik basgançakly kazyýet – bu çözgüt çykaran kazyýete gatnaşygy boýunça ýokarda durýan kazyýetdir. Ol kazyýetiň kanuny güýjüne girmedik çözgütleriniň (kesgitnamalarynyň) kanuna laýyklygyny we delilliligini barlaýar.

RIÝK-iň 346-njy maddasyna laýyklykda, raýat kazyýet önümçiliginde nägilelik basgançakly kazyýet hökmünde welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri, şeýle-de Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň prezidiumy çykyş edýärler.

**4) gözegçilik basgançakly kazyýet** – kazyýetiň kanuny güýje giren çözgütlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna şikaýatlar ýa-da teklipnamalar boýunça işlere gözegçilik tertibinde seredýän kazyýetdir. Bu kazyýetiň esasy wezipesi kanuny güýjüne giren kazyýet çözgütleriniň (kesgitnamalarynyň, kararlarynyň) kanuna laýyk gelýändigini we delilliligini barlamakdan ybaratdyr.

RIÝK-iň 387-nji maddasyna laýyklykda, raýat kazyýet önümçiliginde gözegçilik basgançakly kazyýet hökmünde welaýat kazyýetiniň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň Prezidiumy, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy, şeýle-de Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin Mejlisi çykyş edýärler.

**5) kazy** – raýat kazyýet önümçiliginde kazy diýlip, kanunda bellenen tertipde kazyýet häkimiýetini amala aşyrýan kazyýetiň başlygyna, kazyýetiň başlygynyň orunbasaryna we kaza düşünilýär. Döwlet häkimiýetini öz üstüne alýan döwletiň wekili hökmünde kazy işiň gidişine ýolbaşçylyk edýär, oňa gatnaşyjylaryň hereketlerini ugrukdyrýar, olaryň hukuklarynyň we borçlarynyň ýerine ýetirilmegine ýardam edýär, gatnaşýan şahslaryň ählisi üçin hökmany hem-de häkimlik ediji häsiýete eýe bolan kararlary çykarýar.

2. Sargyt 687.

Kazylar garaşsyzdyrlar, olar diňe Konstitusiýa we kanuna tabyndyrlar. Kazylaryň işine hiç kimiň gatyşmagyna ýol berilmeýär we oňa gatyşylmagy kanunda bellenilen jogapkärçilige eltýär. Kazylaryň eldegrilmesizligi kanun bilen kepillendirilýär (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 98-nji, 99-njy maddalary).

«Kazyýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 51-nji maddasyna laýyklykda kazynyň garaşsyzlygy şular bilen üpjün edilýär:

– onuň ýokary hukuk ýagdaýyna laýyk gelýän maddy we durmuş üpjünçiligi bilen;

– adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň kanun tarapyndan göz öňünde tutulan düzgüni bilen;

– kim-de bolsa biriniň adyl kazyýetligi amala aşyrmak boýunça işe gatyşmagyny jenaýat we administratiw jogapkärçilige çekmek astynda gadagan etmek bilen;

– wezipä bellenilmeginiň ýa-da wezipeden boşadylmagynyň, ygtyýarlyklarynyň togtadylmagynyň we bes edilmeginiň bellenen tertibi bilen;

– eldegrilmesizligi bilen;

– maşgala agzalarynyň we emläginiň döwletiň aýratyn goraglylygynda durmagy bilen.

**6) prokuror** – «Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 2-nji maddasyna laýyklykda, «prokuror» diýlip Türkmenistanyň Baş prokuroryna, welaýatlaryň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokurorlaryna, harby we ýöriteleşdirilen prokurorlara, olaryň orunbasarlaryna, uly kömekçilerine we kömekçilerine, baş müdirlikleriň we müdirlikleriň, baş bölümleriň we bölümleriň müdirlerine, olaryň orunbasarlaryna, uly prokurorlaryna we prokurorlaryna aýdylýar. «Prokuratura işgäri» diýlip prokuratura edaralarynda belli bir wezipäni eýeläp, prokuratura edaralarynyň öňündäki wezipeleri durmuşa geçirmek boýunça işi amala aşyrýan döwlet gullukçysyna düşünilýär.

Raýat iş ýöredişinde prokuror hemişe oňa özbaşdak gatnaşyjy hökmünde çykyş edýär. Ol döwlet wekili bolup durýar we ýurduň kanunlarynyň hemmeler tarapyndan ýerine ýetirilmegi üçin köpçüligiň bähbitlerini goraýar. Prokuror işe tarap hökmünde gatnaşyp bilmeýär, çünki onuň işde maddy-hukuk taýdan gyzyklanmasy bolmaýar we kazyýetiň çözgüdiniň güýji oňa täsir etmeýär; oňa garşylyklaýyn hak islegleri bildirilip bilinmeýär. Şeýle hem prokuror bir tarapyň ýa-da üçünji bir şahsyň kazyýet wekili hem bolup bilmeýär. Wekil hemişe wekilçilik edilýäniň bähbitleriniň goragynda çykyş edýär, prokuror bolsa, eger ol Türkmenistanyň RIÝK-iniň 9-njy maddasyna laýyklykda, hak islegini bildiren ýagdaýynda hem kanunyň bähbitleriniň goragynda çykyş edýär we bähbitleri üçin hak islegini bildiren tarapyna düýbünden garaşly bolmaýar.

**7) kazyýet seljerişi** – raýat iş ýöredişiniň esasy tapgyry bolup, onuň maksady birinji, nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýetiň raýat işiniň düýp manysyna seretmekden we ony çözmekden ybarat bolýar.

Kazyýet seljerişi raýat işleriniň hemmesinde bar bolan raýat kazyýet önümçiliginiň esasy, baş tapgyry bolup durýar. Hak isleýji bilen jogap berijiniň arasyndaky dawanyň düýp manysy hut şu tapgyrda çözülýär, gyzyklanma bildirýän şahslar bolsa bozulan ýa-da jedeli edilýän hukuklaryna ýa-da kanun tarapyndan goralýan bähbitlerine kazyýet goragyny alýar. Kazyýet seljerişiniň hut şu tapgyrynda: adyl kazyýetligiň (taraplaryň bäsleşikliliginiň we deňhukuklylygynyň, dispozitiwligiň (ygtyýar edijiligiň) we beýl.) ýörelgeleri has doly güýjünde işleýärler; adyl kazyýetiň esasy wezipesi çözülýär – işe dogry, öz wagtynda seretmek we ony çözmek (beýleki tapgyrlar diňe bu wezipäniň çözülmegini üpjün edýärler); raýat işleriniň aglaba bölegine seredilýär we olar çözülýär.

Kazyýet seljerişiniň dowamynda kazyýet iş boýunça subutnamalary gös-göni we açyk barlaýar: taraplaryň we üçünji taraplaryň, şeýle hem işe gatnaşýan beýleki adamlaryň düşündirişlerini, şaýatlaryň görkezmelerini, bilermenleriň gelen netijelerini, hünärmenleriň düşündirişlerini diňleýär, ýazmaça subutnamalar bilen tanyşýar, maddy subutnamalara serediş geçirýär, audioýazgylary diňleýär we wideoýazgylara seredýär.

**8) başlyklyk ediji** – kazyýetiň hemme basgançaklarynda raýat işiniň gidişine ýolbaşçylyk etmäge aýratyn hukuk derejesi bolan kazy.

Başlyklyk ediji kazyýet mejlisine ýolbaşçylyk edýär, işiň subutnamalaryny we şertlerini hemmetaraplaýyn we doly derňemek üçin şertleri döredýär, işe degişli bolmadyk zatlaryň ählisini kazyýet seljerişinden aýyrýar.

Başlyklyk ediji kazyýet mejlisinde göz öňünde tutulan tertibi üpjün etmek üçin çäreleri görýär. Onuň buýruklary işe gatnaşýanlaryň ählisi, şeýle-de kazyýet mejlisinde oturan raýatlar üçin hökmanydyr.

**9) kanuny wekiller** kanuna laýyklykda, edaralaryň hemmesinde, şol sanda kazyýetlerde kämillik ukyby ýok adamlaryň, kämillik ukyby çäklendirilen adamlaryň ýa-da kämillik ukyby bolup, ýöne fiziki ýagdaýyna görä (garrylyk, ýarawsyzlyk we ş.m.) hukuklaryny gorap we borçlaryny hut özleri ýerine ýetirip bilmeýänleriň şahsy we emläk hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goragynda çykyş edýän raýatlardyr. Bu işleri amala aşyrmak üçin kanuny wekiller kazyýete onuň ygtyýarlyklaryny tassyklaýan resminamalary berýärler. Raýat iş ýöredişinde hak isleýjiniň, jogap berijiniň ýa-da üçünji tarapyň ene-atalary, perzentlige alanlary, hossarlary, howandarlary hem-de kanun tarapyndan hukuk berlen beýleki adamlar, şeýle hem hak isleýjiniň, jogap berijiniň ýa-da üçünji tarapyň howandarlygynda durýan edaralar we guramalary kanuny wekil bolup bilýärler (giňişleýin 136-njy maddanyň düşündirişine serediň).

**10) ýakyn garyndaşlar** – bular özleri babatda kanunyň aýratyn hukuk tertibini belleýän adamlarydyr. Adatça, garyndaşlygyň esasynda ganybirlik ýatýar, ýöne kanun ýakyn garyndaşlaryň hataryna ýanýoldaşy hem goşýar (maşgala-hukuk baglanyşygy). Mundan başga-da hukuk ähmiýeti boýunça perzentlige alan (we onuň

garyndaşlary) bilen perzentlige alnanyň arasyndaky gatnaşyk hem garyndaşlyk bilen deň hasaplanýar. Köp ýagdaýlarda diňe ýakyn garyndaşlyk hukuk ähmiýetine eýe bolýar. Has wajyp garyndaşlyk baglanyşyklary maşgala hukugynda bolýar, onda şahsy we emläk gatnaşyklarynyň aglabasy garyndaşlyk hakykatyna esaslanýar.

Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 1-nji maddasyna laýyklykda, ata-eneler (şol sanda perzentlige alanlar), är-aýal, çagalar (şol sanda perzentlige alnanlar), ata we ene, baba we mama, agtyklar, süýtdeş we doly süýtdeş däl doganlar ýakyn garyndaş hasaplanýarlar.

**11) wekil** – belli bir raýatlaryň ýa-da ýuridik şahslaryň adyndan we olaryň bähbitlerini gorap, iş ýörediş hereketlerini amala aşyrýan, öz hereketleri bilen olar üçin hukuk netijelerini döredýän raýat kazyýet önümçiligine gatnaşyjydyr.

Aglaba ýagdaýlarda raýatlar kazyýet önümçiliginiň barşynda göwnejaý hukuk kömegini almak maksady bilen, degişli ygtyýarlyklary bermek arkaly, işe özleriniň wekili hökmünde başga adamlary iberýärler. Işe ýuridik taýýarlygy bolan adamlaryň gatnaşmagy kazyýetiň işini ýeňilleşdirýär we adalatyň üstünlikli dabaralanmagyna ýardam edýär.

Kazyýetde wekiller öz wekilçilik edýän adamlarynyň ýa-da ýuridik şahslarynyň adyndan we olaryň bähbidine işe gatnaşýarlar, iş ýörediş hereketlerini amala aşyrýarlar.

Kazyýetde işleri alyp barmaga degişli ýagdaýda resmileşdirilen ygtyýarlyklary bolan, kämillik ukyby bolan adamlar wekiller bolup bilýärler (RIÝK-iň 132-nji maddasy).

Degişli edaralara wekilçilik edýän ýa-da kanuny wekil hökmünde çykyş edýän ýagdaýlaryndan başga ýagdaýlarda kazylar, sülçüler, prokurorlar we Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary, döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň agzalary raýat iş ýöredişinde wekil bolup bilmeýärler. Agzalan şahslar döwlet häkimiýetiniň wekili bolup durýarlar, şonuň üçin hem olaryň kazyýete wekil hökmünde gatnaşmagy häkimiýetiň wekilçilik edilýäne goltgy bermegi hasaplanyp bilner. Şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedikleriň, kanunda bellenilen tertipde kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilen adamlaryň, kazyýetiň hökümi boýunça adwokatlyk işi bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edilen adamlaryň, hökümde görkezilen möhletiň dowamynda wekil bolup bilmeýändiklerini; iş boýunça bähbitleri wekilçilik edilýäniň bähbitlerine ters gelýän adamlara ýuridik kömegini berýän ýa-da öň beren adamyň ýa-da kazynyň, prokuroryň, sülçiniň, anyklaýyş geçiren adamyň, bilermeniň, hünärmeniň, terjimeçiniň, şaýat ýa-da güwä hökmünde gatnaşan adamyň, şeýle hem işiň seredilmegine gatnaşýan wezipeli adam bilen garyndaşlyk gatnaşyklarynda durýan adamyň işe wekil bolup gatnaşyp bilmeýändiklerini belläp geçmek gerek (giňişleýin 11-nji babyň düşündirişlerine serediň).

12) **raýat işleri** – dar manysynda bu raýat (şahsy) hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işlerdir, giň manysynda – raýat kazyýet önümçiliginiň düzgünleri boýunça seredilýän ähli işlerdir.

Kanun raýat işleriniň üç görnüşini göz öňünde tutýar:

– ***hak isleýiş önümçiliginden gelip çykýan işler*** – raýat, maşgala, zähmet, ýaşaýyş jaý, ýer we beýleki gatnaşyklardan gelip çykýan jedeller boýunça;

– ***administratiw-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler*** – (Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklaryny we sala salşyga gatnaşmak hukuklaryny goramak hakyndaky şikaýatlary boýunça; raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almakdan ýüz dönderilmegine we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa-da) düzedişler girizmekden RÝNÝ (raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň) edaralarynyň ýüz döndermegine şikaýatlar boýunça; notarial hereketlere ýa-da olaryň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilmegine şikaýatlar boýunça).

Raýatlaryň we ýuridik şahslaryň kanun tarapyndan goralýan bähbitleriniň goragyny maksat edinýändigine garamazdan, hukuk baradaky jedeliň bolmazlygy häsiýetli aýratynlygy bolup durýan *aýratyn önümçiligiň işleri* (ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak hakynda; raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek hakynda ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek hakynda; raýatyň kämillik ukybyny çäklendirmek hakynda ýa-da raýaty kämillik ukyby ýok diýip ykrar etmek hakynda; saklamagyň aýratyn düzgüni bolan edara raýaty mejbury ýerleşdirmek hakynda; gozgalmaýan emlägi eýesiz diýip ykrar etmek hakynda; görkeziji üçin ýitirilen ýa-da ýok edilen resminamany güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek hakynda işler).

Umumy düzgün boýunça raýat işleri hukuklary ýa-da kanun tarapyndan goralýan bähbitleri bozulan, gyzyklanýan adam tarapyndan kazyýete hak islegi ýa-da şikaýat (işiň görnüşine baglylykda) bildirilenden soň gozgalýar. Şonuň bilen birlikde, belli bir adamlaryň bähbitleriniň goragyna prokuror ýa-da kanun tarapyndan bellenen çäklerde – döwlet dolandyryş edaralary hem hak islegini bildirip bilýärler.

**13) Iş boýunça önümçilik** – iş ýörediş hukugy tarapyndan düzgünleşdirilen umumy kazyýetlerde seredilmäge degişli bolan raýat işlerine seredilende we olar çözülende kazyýet bilen beýleki şahslaryň arasynda emele gelýän iş ýörediş hereketleriniň we hukuk gatnaşyklarynyň iş ýörediş hukugy bilen düzgünleşdirilen umumylygydyr. Raýat kazyýet önümçiliginiň görnüşleri: 1) hak islegi önümçiligi; 2) aýratyn önümçilik; 3) buýruk önümçiligi.

Iş boýunça önümçiligiň tapgyrlary:

* raýat kazyýet önümçiligini gozgamak;
* işi kazyýet seljerişine taýýarlamak;
* kazyýet seljerişi;
* nägilelik basgançakly kazyýetdäki önümçilik;
* gözegçilik basgançakly kazyýetdäki önümçilik;

* täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet kararlaryna gaýtadan seretmek;
* ýerine ýetiriş önümçiligi.

Şonda tapgyrlaryň her biri aşakdaky döwürleri öz içine alýar:
* önümçiligi gozgamak;
* işi kazyýet seljerişine taýýarlamak;
* kazyýet seljerişi;

Şeýlelikde, raýat iş ýöredişiniň tapgyry maksatlara ýetmäge ugrukdyrylan iş ýörediş hereketleriniň özbaşdak maksatlary, wezipeleri we topary bilen häsiýetlendirilýän iş ýöredişiň aýrybaşga bölegi, şeýle-de tapgyry iş ýöredişiň çäklerinde tamamlamak mümkinçiligi hökmünde häsiýetlendirilip bilner.

**14) iş ýörediş hereketleri** – iş boýunça önümçilige gatnaşyjylar tarapyndan amala aşyrylýan iş ýörediş hukugynyň kadalarynda göz öňünde tutulan hereketlerdir. Gürrüň kazy bilen taraplaryň kabul edýän, raýat işiniň öz wagtynda we kanuna laýyk seredilmegi üçin şertleriň döredilmegine gönükdirilen çäreler toplumy hakynda gidýär. Mysal üçin, talap arzany kabul etmek, taraplara hukuklaryny we borçlaryny düşündirmek, subutnamalar bilen üpjün etmek we ş.m.

**15) kazyýet kararlary** – iş ýöredişe gatnaşyjylaryň ählisi üçin ýerine ýetirilmegi hökmany bolan we döwlet tarapyndan mejbur edilmegi bilen üpjün edilen häkimiýetiň erkiniň namalary. Olar özleriniň ähmiýeti we mazmuny boýunça meňzeş däldirler. Kazyýet kararlarynyň şu görnüşlerini tapawutlandyrýarlar: çözgüt, kesgitnama, karar.

Işe düýp manysy boýunça seredilmegi bilen tamamlanýan birinji basgançakly kazyýetiň karary çözgüt görnüşinde çykarylýar. Fiziki ýa-da ýuridik taraplaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goraglylygy baradaky mesele şu nama bilen gutarnykly çözülýär. Çözgütde takyk ýagdaýa degişli belli bir kadany ýa-da kadalary ulanmak baradaky kazyýetiň ahyrky netijesi bolýar. Umumy düzgüne görä, her bir raýat işi boýunça bir çözgüt çykarylýar.

Raýat işine seredilende, şeýle-de kazyýetiň karary ýerine ýetirilende ýüze çykýan aýry-aýry meseleler kesgitnamalar bilen çözülýär (mysal üçin, işe seretmegi togtatmak hakynda, iş boýunça önümçiligi bes etmek hakynda, kazyýet-bilermenler seljermesini bellemek hakynda, kazyýetiň buýrugy hakynda kesgitnama we beýlekiler). Çözülýän iş boýunça kesgitnamalaryň sany onuň aýratynlyklaryna görä kesgitlenýär.

Kararlar welaýat kazyýetiniň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň Prezidiumy, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy we Giňişleýin Mejlisi tarapyndan kabul edilýär.

**16) çözgüt** – bu hak isleýiş önümçiliginde taraplaryň jedeliniň düýp özeni babatda, şeýle-de aýratyn önümçiligiň ýa-da/hem-de jemagat-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işleriň obýekti babatda döwletiň adyndan çykarylýan karardyr. Çözgüt kesgitli bir ýagdaý üçin, taraplaryň maddy-hukuk gatnaşyklary babatda hukugyň

belli bir kadasyny ulanmak baradaky kazyýetiň gelen netijesini öz içine alýar. Çykaran çözgüdi bilen kazyýet jogap beriji tarapyndan bozulan hak isleýjiniň hukugyny dikeldýär ýa-da jogap berijiniň hukugyny goramak bilen, hak isleýjiniň esassyz talabyny ret edýär. Aýratyn ýagdaýlarda kazyýetiň çözgüdi onuň mazmunyndaky ýa--da jedelli maddy hukuk gatnaşygynyň hakykatda bolmagyndaky düşnüksizligi aradan aýryp biler. Mundan başga-da kazyýetiň çözgüdinde raýat iş ýörediş hukugynyň öňüni alyş we terbiýe bermek ýaly wezipeleri ýüze çykýar. Çözgüt Türkmenistanyň adyndan çykarylyp we yglan edilip, kazyýetiň gelen netijesine häkimiýet, jedelsiz we hemmeler üçin hökmany häsiýet berýär.

Adatça, raýat iş ýörediş hukugy ylmynda çözgütleriň alty görnüşini tapawutlandyrýarlar:

1) Adaty (esasy) çözgüt – bu birinji basgançakly kazyýetde işiň düýp manysy boýunça çözülmegine ýardam edýän we kanunçylygyň kazyýetiň şular ýaly kararlaryna bildirýän talaplaryna doly derejede jogap berýän kazyýet namasydyr.

2) Gaýybana çykarylan çözgüt – bu taraplaryň iň bolmanda biriniň bolmazlygynda kabul edilýän namadyr. Mundan başga-da gaýybana diýlip işiň kazyýetde seredilmeginiň wagty we ýeri barada degişli derejede habardar edilen, emma oňa gelmedik we işe onuň bolmazlygynda garamak baradaky ýazmaça haýyş bilen ýüzlenmedik jogap berijiniň bolmazlygynda kabul edilen çözgüde düşünilýär (dar manysynda gaýybana çözgüt).

3) Umuman, hak isleýiş arzasyndaky meseläni çözýän (ýagny hukuk baradaky meseläni), emma tölenmeli puluň möçberi baradaky, geçirilmeli emläk baradaky we beýlekiler baradaky mesele açyk galyp, aýratyn (goşmaça) çözgüt bilen kesgitlenýän karar aralyk çözgüt diýlip hasap edilýär.

4) Kazyýet tarapyndan esasy çözgüdiň ýetmezçilikleriniň üstüni dolmak üçin çykarylýan çözgüt goşmaça çözgüt diýlip atlandyrylýar.

5) Ýeterlik derejede doly we hemmetaraplaýyn derňelen hasap edilýän hak isleýiş arzalarynyň bir bölegi boýunça bölekleýin çözgüt çykarylýar. Beýleki talaplar baradaky mesele zerur ýagdaýlar aýdyňlaşdyrylýança, subutamalar barlanylýança we baha berilýänçä soňa goýulýar. Meselem, şunuň ýaly çözgütler hak isleginiň jogap beriji tarapyndan ykrar edilýän bölegi babatda çykarylyp bilner. Jedelli talaplar baradaky bölegi boýunça raýat işi dowam etdirilýär.

6) Çözgüt hak isleýiş arzasyny berijiniň belli bir şertleriň bolmagyna (bolmazlygyna) bagly bolan (bagly bolmadyk) hukugy ýa-da taraplaryň biri tarapyndan haýsydyr bir hereketleriň amala aşyrylmagy (amala aşyrylmazlygy) babatda çykarylanda, ol şertli çözgüt diýlip atlandyrylýar. Umumy düzgüne görä, iş ýörediş kanuny kazyýet tarapyndan şertli çözgüdiň çykarylmagynyň mümkinçiligine ýol bermeýär. Kadadan çykma hökmünde kämillik ýaşyna ýetmedik çagalara alimentiň tutulmagy baradaky işleri mysal getirmek bolar, şonda kazyýet Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 142-nji maddasynyň 1-nji böleginden ugur almak bilen, ka-

zyýet tarapyndan çözgüt kabul edilmezinden we ol kanuny güýjüne girmezden öň aliment töletmek barada çözgüt çykarmaga haky bar. Bu ýagdaý jedel kazyýetde çözülýänçä geçýän döwrüň dowamynda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň emläk bähbitlerini üpjün edýär. Bular ýaly ýagdaýlarda gyzyklanma bildirýän şahsyň arzasy boýunça kazyýet aliment baradaky hak isleýiş arzasyny kabul etmek bilen bir wagtda, jogap berijini wagtlaýynça çagany ekläp-saklamak üçin serişde tölemäge mejbur edýän çözgüt hem çykaryp biler. Şular ýaly çözgüdiň orny baradaky mesele heniz çözülmedik ýagdaýynda galýar. Ol häzire çenli Türkmenistanyň RIÝK-inde göz öňünde tutulmadyk şertli çözgüdiň alamatlaryna eýe bolmak bilen, görnüş taýdan bolsa kazyýet buýrugynyň alamatlaryny öz içine alýar, ýöne ondan hukuk baradaky jedeliň barlygy bilen tapawutlanýar.

Kazyýetiň çözgüdi görnüşi boýunça kagyzda, golýazma görnüşinde ýa-da printer, ýazuw enjamy ýaly tehniki serişdeleriň kömegi bilen taýýarlanan aýratyn resminama görnüşindäki ýazmaça nama bolup durýar. Kazyýetiň çözgüdi kazy (eger işe ýekelikde seredilen bolsa), başlyklyk ediji ýa-da kollegial çözülen ýagdaýynda kazylaryň biri tarapyndan taýýarlanylýar.

Kazyýetiň çözgüdi dört bölekden ybarat bolup, onuň her böleginiň öz ýerine ýetirýän wezipesi bolýar. Kazyýetiň çözgüdiniň giriş böleginde şular görkezilýär: çözgüdiň kabul edilýän wagty we ýeri, kazyýetiň ady we düzümi, kazyýet mejlisiniň kätibi, taraplar we işe gatnaşýan beýleki adamlar baradaky, wekiller, jedeliň ýa-da bildirilen talabyň närsesi baradaky maglumatlar. Giriş böleginiň maglumatlary kazyýetiň çözgüdiniň mazmunyndaky «Türkmenistanyň adyndan» diýen sözler bilen «anyklady» diýen sözleriň arasynda ýerleşýär.

Beýan ediş bölegi hak isleýjiniň talabyny, jogap berijiniň garşy çykmasyny we işe gatnaşýan beýleki adamlaryň düşündirişlerini öz içine almalydyr. Kazyýet bu bölekde ilkibaşdaky we garşylykly talaplary we olaryň delillerini; garşy çykmalary we olaryň delillerini beýan edýär. Beýan ediş bölegi şeýle sözlem bilen tamamlanýar: «Işiň ýagdaýlaryny derňäp, taraplaryň we işe gatnaşýan beýleki adamlaryň düşündirişlerini diňläp, kazyýet şu esaslar boýunça hak islegini kanagatlandyrmaga degişli (doly ýa-da bölekleýin kanagatlandyrmaga, kanagatlandyrmaga degişli däl) diýip hasap edýär».

Kazyýet çözgüdiniň delillendiriş bölegi kazyýetiň iş boýunça gutarnykly netijesini we onuň esaslandyrylyşyny tassyklaýar. Çözgüdiň delillendiriş böleginde şular görkezilmelidir: işiň kazyýet tarapyndan takyklanan ýagdaýlary; kazyýetiň gelen netijesiniň esaslanan subutnamalary; çözgüt çykaranda kazyýetiň ugur alan hukuk kadalary. Delillendiriş bölegi, adatça, şu sözlem bilen tamamlanýar: «Beýan edilenleri göz öňünde tutup, (maddy hukugyň kadalary getirilýär) esasynda we (iş ýörediş hukugynyň kadalary) maddadan ugur alyp, kazyýet çözdi».

Çözgüdiň karara geliş bölegi – bu kazyýetiň hak islegini (bildirilen talaby) kanagatlandyrmak ýa-da kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek baradaky gelen

gutarnykly netijesidir. Bu netije gysgaça buýruk görnüşinde beýan edilýär (töletmek, öwezini dolmak, ret etmek we beýl.) (giňişleýin 18-nji babyň düşündirişlerine serediň).

17) Raýat işini seljermek bilen baglanyşykly ýüze çykýan meseleler boýunça kazyýetiň çykarýan namalary **kesgitnamalar** diýlip atlandyrylýar. Kazyýetiň düýp manysy boýunça çözülmedik iş baradaky çykarýan kararlarynyň hemmesi kesgitnamalar görnüşinde çykarylýar. Olarda kazyýetiň köpdürli buýruk çykaryjy işi beýan edilýär. Umumy düzgüne görä, kazyýetiň kesgitnamalary RIÝK-iň 24-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde maslahat otagynda çykarylýar.

Kesgitnamanyň mazmunynda giriş, beýan ediş, delillendiriş we netije bölümlerini tapawutlandyrýarlar.

Kesgitnamada şular görkezilmelidir:

1) kesgitnamanyň çykarylan senesi we wagty;

2) kesgitnama çykaran kazyýetiň ady, kazyýetiň düzümi we kazyýet mejlisiniň kätibi;

3) işe gatnaşýan adamlar, jedeliň närsesi ýa-da bildirilen talap;

4) kesgitnama çykarylýan mesele;

5) kazyýetiň öz netijelerine gelmegine ýardam eden deliller we kazyýetiň ugur alan kanunlaryna salgylanmalar;

6) kazyýetiň karary;

7) eger ol şikaýat edilmegine degişli bolsa, kazyýetiň kesgitnamasyna şikaýat etmegiň tertibi we möhleti (giňişleýin 263–265-nji maddalaryň düşündirişlerine serediň).

**18) karar** – welaýat kazyýetiniň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň Prezidiumy, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy we Giňişleýin Mejlisi tarapyndan kabul edilen kazyýet namasy. Kazyýetiň kararynda şular görkezilmelidir:

1) kararyň çykarylan senesi we ýeri;

2) karar çykaran kazyýetiň ady, kazyýetiň düzümi;

3) gözegçilik şikaýaty ýa-da teklipnama beren şahs;

4) birinji basgançakly kazyýetiň şikaýat edilýän çözgüdiniň, gözegçilik şikaýatynyň, teklipnamanyň, getirilen subutnamalaryň, gözegçilik basgançakly kazyýet seljerişine gatnaşyjylaryň düşündirişleriniň gysgaça mazmuny;

5) gözegçilik şikaýatyna ýa-da teklipnama seretmegiň netijeleri boýunça kazyýetiň çykaran karary;

6) kazyýetiň öz netijelerine gelmegine sebäp bolan deliller we kazyýetiň ugur alan kanunyna salgylanmalar;

7) kazyýetiň karary.

Gözegçilik şikaýatlary, teklipnamalary kanagatlandyrylmadyk ýagdaýynda kazyýet öz kararynda şikaýatlaryň, teklipnamalaryň ret edilmeginiň delillerini gör-

kezmäge borçludyr. Kazyýetiň çözgüdi dolulygyna ýa-da bölekleýin sökülip, iş täzeden seretmeklige berlen ýagdaýynda, kazyýet işe täzeden seredilende birinji basgançakly kazyýetiň ýerine ýetirmeli hereketlerini görkezmäge borçludyr.

Prezidiumyň kararyna Prezidiumyň mejlisine başlyklyk ediji, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Mejlisiniň kararyna mejlise başlyklyk ediji we kätip gol çekýärler. Karar kabul edilen pursadyndan başlap kanuny güýjüne eýe bolýar.

**19) teswirnama** – bu birinji basgançakly kazyýet seljerişinde bolup geçýän ähli ýagdaýlary özünde jemleýän resminama.

Teswirnama kazyýete maslahat otagynda subutnamalara gutarnykly baha bermäge mümkinçilik döredýär, çünki kazyýet mejlisiniň dowamynda subutnamalary barlamagyň netijeleri hut şonda görkezilýär; diýmek, ol kanuna laýyk we esasly çözgüt çykarmaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da kazyýetiň çykaran çözgüdiniň barlanan we baha berlen subutnamalara laýyklygyny hut kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen anyklap bolýar. Şeýle-de kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň iş boýunça ýazmaça subutnama bolup durýandygyny hem belläp geçmek gerek. Beýan edilenler bilen baglylykda, kanun işiň kazyýet seljerişine taýýarlanýan tapgyrynda-da, deslapky kazyýet mejlisinde-de, işe düýp manysy boýunça seredilende-de, teswirnamany ýöretmegi talap edýär. Mundan başga-da teswirnama kazyýet mejlisinden daşgary hem – aýry-aýry iş ýörediş hereketleri amala aşyrylanda hem (mysal üçin, subutnamalar tapylan ýerinde gözden geçirilende we barlananda, kazyýetiň tabşyryklary ýerine ýetirilende, barlamak üçin nusgalar alnanda) ýöredilmelidir.

Teswirnama şeýle wajyp ähmiýet berilýänliginiň sebäbi, onuň bolmazlygy (ýöredilmezligi), hatda kazyýetiň çözgüdi düýp manysy boýunça dogry bolan ýagdaýynda hem çözgüdiň sökülmegine hökmany esas bolup durýandygyndan ybaratdyr. Teswirnamany ýöretmek kazyýet mejlisiniň kätibiniň wezipesi bolýar, oňa ynanmazlyk hem bildirip bolýar, çünki işiň netijesinde kätibiň öz bähbidiniň bolmagy ýa-da işiň gidişine gatnaşýanlaryň biri bilen garyndaşlyk gatnaşygynda bolmagy şaýatlaryň görkezmelerini, taraplaryň düşündirişlerini we olaryň haýyşlaryny, şeýle-de kazyýetiň dilden berýän kesgitnamalaryny teswirnamada görkezende onuň hakykatçyllygyna täsir edip biler.

Teswirnama iki bölümden ybarat bolýar: giriş we beýan ediş. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň giriş bölüminde şular görkezilýär: kazyýet mejlisiniň geçýän ýeri we senesi; kazyýet mejlisiniň başlanýan wagty; işe seredýän kazyýetiň ady, kazyýetiň düzümi we kazyýet mejlisiniň kätibi; işiň ady. Teswirnamanyň ýazgy ediş (beýan ediş) bölüminde işe gatnaşýan adamlaryň, olaryň wekilleriniň, şaýatlaryň, bilermenleriň, hünärmenleriň, terjimeçileriň gatnaşýandygy baradaky maglumatlar; işe gatnaşýan adamlara, olaryň wekillerine, şaýatlara, bilermenlere, hünärmenlere, terjimeçilere iş ýörediş hukuklarynyň we borçlarynyň düşündirilişi baradaky maglumatlar; başlyklyk edijiniň buýruklary we kazyýet mejlisiniň zalynda kazyýet

tarapyndan çykarylan kesgitnamalar; işe gatnaşýanlaryň we olaryň wekilleriniň arzalary, haýyşlary we düşündirişleri; şaýatlaryň görkezmeleri, bilermenleriň gelen netijeleriniň düşündirişleri, hünärmenleriň maslahatlary we düşündirişleri; ýazmaça resminamalaryň yglan edilişi baradaky maglumatlar, maddy subutnamalaryň barlanyşy, audioýazgylaryň diňlenilişi, wideoýazgylara seredilişi baradaky maglumatlar; prokuroryň we döwlet edaralarynyň wekilleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň gelen netijeleriniň mazmuny; kazyýet çykyp geplemeleriniň mazmuny; kazyýetiň çözgütleriniň we kesgitnamalarynyň mazmunynyň yglan edilişi we düşündirilişi, olara şikaýat getirmegiň tertibiniň düşündirilişi baradaky maglumatlar; işe gatnaşýan adamlara teswirnama bilen tanyşmaga we oňa bellik etmäge hukuklarynyň düşündirilişi baradaky maglumatlar; kazyýet mejlisiniň tamamlanýan senesi we wagty; teswirnamanyň düzülen senesi bolýar.

Teswirnamada hemme zady jikme-jik görkezmek kyn bolýar. Bu ýerde häzirki zaman tehniki serişdeleri kazyýete kömek edip bilerler (audio- we wideoýazgylar, beýleki tehniki serişdeler) (giňişleýin 23-nji babyň düşündirişlerine serediň).

**20) nägilelik şikaýaty** – kazyýetiň kanuny güýjüne girmedik çözgüdine edilýän şikaýat. Nägilelik şikaýatlary bir aýyň dowamynda berlip bilner. Ol RIÝK-e laýyklykda, muňa hukugy bolan adam tarapyndan çözgüt çykaran kazyýetiň üsti bilen ýa-da gös-göni nägilelik basganççagyna berilýär. Kanun nägilelik şikaýatynyň belli bir rekwizitleriniň berjaý edilmegini talap edýär. Mundan başga-da şunuň ýaly şikaýat üçin döwlet pajy tölenilmelidir (döwlet pajyny tölemekden boşadylan ýagdaýlardan başga halatlarda). Nägilelik tertibinde şikaýat edilen çözgüt nägilelik şikaýatyna ýokarda duryan kazyýet tarapyndan seredilýänçä kanuny güýjüne girmeýär we ol ýerine ýetirilmeýär (çözgüdi haýal etmän ýerine ýetirmeli bolan ýagdaýlardan başga halatlarda).

**21) nägilelik teklipnamasy** – kazyýetiň kanuny güýjüne girmedik çözgüdine prokuroryň teklipnamasy. Prokuror öz teklipnamasynda kazyýetiň çözgüdiniň sökülmegini ýa-da onuň üýtgedilmegini haýyş edýär. Işe gatnaşýan prokuror nägilelik teklipnamasyny bermäge hukuklydyr.

**22) hususy şikaýat** – birinji basganççakly kazyýetiň kanuny güýjüne girmedik kesgitnamasyna şikaýat. Nägilelik şikaýatyndan tapawutlylykda, hususy şikaýat kazyýetiň işiň düýp manysy boýunça çykaran çözgüdine däl-de, aýry-aýry meseleler boýunça çykaran kesgitnamasyna berilýär. 382-nji madda laýyklykda, hususy şikaýat işe gatnaşýan adamlar tarapyndan kazyýetiň kesgitnamasynyň nusgasy gowşurylan gününden soň bir aýyň dowamynda berlip bilner. Eger kesgitnama şikaýaty bermek hukugy bar bolan adamyň gatnaşmagynda yglan edilen bolsa, onda şikaýaty bermegiň möhleti onuň yglan edilen pursadyndan başlanýar.

Hususy şikaýat şulary öz içine almalydyr: şikaýat berýän adamyň ady, onuň ýaşaýan ýeri ýa-da salgysy; kazyýetiň şikaýat edilýän kesgitnamasyna görkezme; şikaýat edýän adamyň talaplary, şeýle-de kazyýetiň kesgitnamasyny nädogry hasap etmeginiň esaslary.

Hususy şikaýata seredenden soň, kazyýet şu netijeleriň birini kabul edip biler: birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyny üýtgemän, şikaýaty kanagatlandyrman galdyrmaga; kesgitnamany doly ýa-da bölekleýin sökmäge we meseläni düýp manysy boýunça çözmäge; kesgitnamany doly ýa-da bölekleýin sökmäge we meseläni birinji basgançakly kazyýetiň seretmegine bermäge.

**23) hususy teklipnama** – birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýjüne girmedik kesgitnamasyna prokuroryň teklipnamasy. Başgaça aýdylanda, şonuň kömegi bilen prokuroryň kazyýetiň kesgitnamalaryny ýokarda durýan (nägilelik) basgançaklara şikaýat etmek boýunça ygtyýaryny amala aşyrýan resminamasy. 382-nji madda laýyklykda, teklipnama işe gatnaşýan adamlara kazyýetiň kesgitnamasynyň nusgasy gowşurylandan soň bir aýyň dowamynda berilýär. Hususy teklipnama boýunça hem hususy şikaýat seredilende kabul edilýän kararlaryň birine gelinýär.

**24) gözegçilik tertibindäki şikaýat** – bu kazyýetiň çözgüdi bilen hukuklary we kanuny bähbitleri bozulan kazyýet önümçiliginiň taraplarynyň kazyýetiň kanuny güýjüne giren kararlaryny, ýagny kazyýetiň kararlaryny, kesgitnamalaryny we çözgütlerini gözegçilik basgançakly kazyýete şikaýat edýän iş ýörediş resminamasydyr. Raýat işi boýunça gözegçilik şikaýatyny berýän tarap kazyýetiň çözgütleriniň we ýokarda durýan kazyýetiň kesgitnamalarynyň delillerine hukuk taýdan baha berýär, gözegçilik şikaýatynda özüne ynanyjynyň nukdaýnazaryny beýan edip, ony esaslandyrýar. Maddy we iş ýörediş hukugynyň kadalaryna salgylanmak bilen, şikaýat edilýän kazyýet kararlarynyň takyk nämede nädogrudygyny delillendirýär.

**25) gözegçilik tertibindäki teklipnama** – kanuny güýjüne giren kazyýet kararyna getirilen prokuroryň hem-de Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygynyň we Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygynyň orunbasarynyň teklipnamasydyr. RIÝK-iň 386-njy maddasy kazyýet kararlarynyň gözegçilik tertibinde şikaýat edilip bilinjek möhletini göz öňünde tutýar. Bu möhlet kazyýetiň karary kanuny güýjüne giren pursadyndan başlap, bir ýylyň dowamynda dowam edýär.

Gözegçilik şikaýaty ýa-da prokuroryň teklipnamasy gös-göni gözegçilik basgançakly kazyýete berilýär. Gözegçilik şikaýaty ýa-da prokuroryň teklipnamasy şulara berilýär:

1) etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň kanuny güýje giren çözgütlerine we kesgitnamalaryna, eger olar nägilelik basgançakly ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýetde seredilmedik bolsalar – welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň Prezidiumyna;

2) welaýat kazyýetleriniň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň çözgütlerine we kesgitnamalaryna, eger olar Türkmenistanyň Ýokary kazyýetinde nägilelik we gözegçilik tertibinde seretmegiň närsesi bolmadyk bolsalar, şeýle hem welaýat kazyýetleriniň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher

kazyýetleriniň nägilelik kesgitnamalaryna we welaýat kazyýetleriniň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň Prezidiumlarynyň kararlaryna – Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyna;

3) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň çözgütlerine we kesgitnamalaryna – Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumyna;

4) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Giňişleýin mejlisiniň kararlaryna – Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisine.

**26) özbaşdak bolmadyk nägilelik şikaýaty** garşy tarap nägilelik şikaýatyny beren bolsa, beýleki tarap bolsa nägilelik bildirmegiň bellenen möhletiniň dowamynda nägilelik şikaýatyny berip ýetişmedik ýagdaýynda berilýän şikaýatdyr. Özbaşdak bolmadyk nägilelik şikaýatyny bermek üçin döwlet pajy tölenmelidir. Eger nägilelik şikaýatyny beren tarap ony tölemekden boýun gaçyrsa, özbaşdak bolmadyk nägilelik şikaýaty hakyky däl diýlip hasap edilýär (giňişleýin 355-nji maddanyň düşündirişlerine serediň).

## 2-nji bap. RAÝAT KAZYÝET ÖNÜMÇILIGINIŇ WEZIPELERI WE ÝÖRELGELERI

### 5-nji madda. Raýat kazyýet önümçiliginiň wezipeleri

**Raýat kazyýet önümçiliginiň wezipeleri eýeçiligi gorap saklamak, Türkmenistanyň Konstitusiýasy we kanunlary tarapyndan kepillendirilen raýatlaryň bozulan ýa-da jedelleşilýän durmuş-ykdysady, syýasy, şahsy hukuklaryny we azatlyklaryny hem-de fiziki we ýuridik şahslaryň kanun arkaly goralýan bähbitlerini goramak maksady bilen raýat işlerine dogry we öz wagtynda seretmek we çözmek bolup durýar.**

Raýat kazyýet önümçiliginiň esaslary we RIÝK raýat kazyýet önümçiliginiň öňünde raýat işleriniň dogry, çalt seredilmegi hem-de çözülmegi baradaky wezipeleri goýýarlar. Kazyýetler tarapyndan çykarylýan çözgütler, kesgitnamalar we kararlar kanuny we esaslandyrylan bolmalydyr. Raýat işlerini çözmek uzaga çekdirilmeli däl. Raýat hukuklaryny goramagyň çaltlygy işi seretmeklige dykgatly we hemmetaraplaýyn taýýarlanmak, kazylaryň ýokary hünär bilimleri, kazyýet işini takyk gurnamak arkaly gazanylýar.

Raýat kazyýet önümçiliginiň wezipeleri fiziki we ýuridik şahslaryň Türkmenistanyň Konstitusiýasy tarapyndan goralýan hukuklary, azatlyklary we kanuny bähbitleri bilen berk baglanyşyklydyr. Çünki bu hukuklara, azatlyklara we kanuny bähbitlere kazyýetiň goragynyň üsti bilen öz wagtynda, doly seretmek, olary netijeli çözmek we amala aşyrmak düşündirilýän maddada beýan edilen raýat kazyýet

## MAZMUNY


Giriş .......... 7

## I BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER

1-nji bap. Türkmenistanyň raýat iş ýörediş kanunçylygy. 1–4-nji maddalar ... 9

2-nji bap. Raýat kazyýet önümçiliginiň wezipeleri we ýörelgeleri. 5–22 maddalar .......... 29

3-nji bap. Kazyýetiň düzümi. Ynanmazlyk bildirmek. 23–31-nji maddalar .......... 59

4-nji bap. Işleriň kazyýetlere degişliligi we kazyýete degişlilik. 32–44¹-nji maddalar .......... 70

5-nji bap. Subutnamalar. 45–78-nji maddalar .......... 87

6-njy bap. Kazyýet çykdajylary. 79–100-nji maddalar .......... 137

7-nji bap. Üpjünçiligi bermek. 101–102-nji maddalar .......... 167

8-nji bap. Iş ýörediş möhletleri. 103–108-nji maddalar .......... 169

9-njy bap. Kazyýet habarlary we çakylyklary. 109–115-nji maddalar .......... 179

## II BÖLÜM. IŞE GATNAŞÝAN ADAMLAR, OLARYŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

10-njy bap. Işe gatnaşýan adamlar, olaryň hukuklary we borçlary 116–130-njy maddalar .......... 191

11-nji bap. Kazyýetde wekilçilik. 131–136-njy maddalar .......... 227

## III BÖLÜM. BIRINJI BASGANÇAKLY KAZYÝETDE ÖNÜMÇILIK

### I KIÇI BÖLÜM. BUÝRUK ÖNÜMÇILIGI

12-nji bap. Buýruk önümçiligi. 137–148-nji maddalar ....................................246

### II KIÇI BÖLÜM. HAK ISLEÝIŞ ÖNÜMÇILIGI

13-nji bap. Hak islegini bildirmek. 149–156-njy maddalar ............................269
14-nji bap. Hak islegini üpjün etmek. 157–165-nji maddalar ..........................198
15-nji bap. Taýýarlyk önümçiligi. 166–174-nji maddalar ...............................308
16-njy bap. Kazyýet seljerişi. 175–221-nji maddalar ......................................328
17-nji bap. Taraplaryň gelmezligi (gaýybana kazyýet karary).
222–231-nji maddalar ........................................................................383
18-nji bap. Kazyýetiň çözgüdi. 232–253-nji maddalar ....................................398
19-njy bap. Iş boýunça önümçiligi togtatmak. 254–258-nji maddalar ............432
20-nji bap. Iş boýunça önümçiligi bes etmek. 259–260-njy maddalar ............440
21-nji bap. Arzanyň seredilmän galdyrylmagy. 261–262-nji maddalar ..........444
22-nji bap. Kazyýetiň kesgitnamasy. 263–266-njy maddalar ...........................447
23-nji bap. Teswirnamalar. 267–271-nji maddalar ...........................................452

### III KIÇI BÖLÜM. ADMINISTRATIW-HUKUK GATNAŞYKLARYNDAN GELIP ÇYKÝAN IŞLER BOÝUNÇA ÖNÜMÇILIK

24-nji bap. Umumy düzgünler. 272–275-nji maddalar.......................................458
25-nji bap. Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklaryny we sala-salşyga gatnaşmaga bolan hukuklaryny goramak hakyndaky işler boýunça önümçilik. 277–279-njy maddalar ..........................460
27-nji bap. Raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet tarapyndan bellige almakdan ýüz dönderilmegine we raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeleri, goşmaçalary we (ýa-da) düzedişleri girizmekden RÝNÝ edaralarynyň ýüz döndermegine şikaýatlar. 289–291-nji maddalar..465

28-nji bap. Notarial hereketlere ýa-da olaryň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilmegine şikaýat. 292–294-nji maddalar ....................470

## IV KIÇI BÖLÜM. AÝRATYN ÖNÜMÇILIK

### I. Maşgala işleri boýunça önümçilik

29-njy bap. Maşgala işleri boýunça önümçilik. 295–300-nji maddalar ..........476

### II. Jedelsiz ýurisdiksiýanyň işleri boýunça kazyýet önümçiligi

30-njy bap. Umumy düzgünler. 301–302-nji maddalar..................................492
31-nji bap. Ýuridik ähmiýeti bolan faktlary takyklamak. 303–307-nji maddalar ..........................................................497
32-nji bap. Raýaty nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da raýaty ölen diýip yglan etmek. 308–313-nji maddalar............................511
33-nji bap. Raýatyň kämillik ukybyny çäklendirmek ýa-da raýaty kämillik ukyby ýok diýip ykrar etmek. 314–319-njy maddalar.................518
34-nji bap. Saklamagyň aýratyn düzgüni bolan edara raýaty mejbury ýerleşdirmek. 320–328-nji maddalar...........................................531
35-nji bap. Gozgalmaýan emlägi eýesiz diýip ykrar etmek. 329–334-nji maddalar ..........................................................545
36-njy bap. Görkeziji üçin ýitirilen ýa-da ýok edilen resminamany güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek. 335–342-nji maddalar........................549

## IV BÖLÜM. NÄGILELIK BASGANÇAKLY KAZYÝETDE ÖNÜMÇILIK

37-nji bap. Kanuny güýje girmedik çözgütlere şikaýat etmek we teklipnama getirmek. 343–349-njy maddalar ...............................................555
38-nji bap. Nägilelik basgançakly kazyýetde işleriň önümçiligi. 350–380-nji maddalar ..........................................................566

39-njy bap. Kazyýetiň kanuny güýje girmedik kesgitnamasyna şikaýat etmek we teklipnama getirmek. 381–384-nji maddalar ........ 605

## V BÖLÜM. KANUNY GÜÝJE GIREN KAZYÝET KARARLARYNA (ÇÖZGÜTLERINE, KESGITNAMALARYNA WE KARARLARYNA) GAÝTADAN SERETMEK

40-njy bap. Gözegçilik basgançakly kazyýetde önümçilik. 385–402-nji maddalar ........ 610
41-nji bap. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet kararlaryna (çözgütlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna) gaýtadan seretmek. 403–408-nji maddalar ........ 642

## VI BÖLÜM. DAŞARY ÝURTLY ŞAHSLARYŇ GATNAŞMAGYNDA IŞLER BOÝUNÇA ÖNÜMÇILIK

42-nji bap. Umumy düzgünler. 409–411-nji maddalar ........ 655
43-nji bap. Daşary ýurtly şahslaryň gatnaşmagynda işleriň kazyýete degişliligi. 412–419-njy maddalar ........ 659
44-nji bap. Daşary ýurt döwletiniň kazyýetiniň çözgüdini ykrar etmek we ýerine ýetirmek. 420–422-nji maddalar ........ 670
45-nji bap. Daşary ýurt döwletiniň we onuň eýeçiliginiň ýurisdiksion immuniteti. 423–445-nji maddalar ........ 674